# Söýginiň tarypy

Category: Edebi tankyt,Hekaýalar,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýginiň tarypy SÖÝGINIŇ TARYPY



Şeýle bir hekaýa bar, onda türkmen enesiniň ajaýyp keşbi çeper sözde ussatlyk bilen suratlandyrylýar. Şol hekaýanyň awtory özüniň ondan öňki hekaýalary bilen hem okyjylaryň ünsüni özüne çekip bilipdi. Olar özboluşlylygy, ýüzlenýän temasy, öňe sürýän pikirleri we ýene-ýeneleri bilen tapawutlanýardy. Şonuň üçin onuň bir hekaýasyny okan okyjy beýleki hekaýasyny hem okaman deňinden geçirip bilmeýär. Şeýle gyzyklanmany gazanmak üçin bolsa hekaýanyň örän täsirli bolmalydygy düşnükli zat: ol şeýle bir täsirli bolmaly welin, okyjynyň inini jümşüldedip bilmeli. Olar wakalaryň beýan ediliş täri, sözleri ulanyp biliş ukyby, pikiriň töwerekleýin beýan edişi bilen tapawutlanmaly. Şeýle eserler bolsa Garaşsyzlyk döwründe türkmen edebiýatyna öz sözi, öz ýüzi bilen giren, özboluşly prozaçy Maksat Hudaýgulyýewde barmak büküp sanardan kän. Olaryň biri «Hak söýgi» («Esger» gazeti. 2014-nji ýylyň 2-nji

ýanwary) atly hekaýasydyr. Ol enäniň özboluşly, milli aýratynlykly obrazyny has aýdyň suratlandyrmaga bagyşlanan eserdir.

Hekaýada dartgynly, çylşyrymly waka ýok hem bolsa, oňa derek, enäniň dartgynly, çylşyrymly, yzyna düşürip bilýän ruhy dünýäsi açylyp görkezilýär. Hekaýanyň adyny okap, onda Şasenem-Garyplar ýa-da Zöhre-Tahyrlar hakda söhbet açylýandyr öýdýärsiň. Emma ol beýle däl. Olaryň kalbyna ornan Arşdan inen söýgi hernäçe hakyky hem bolsa bu hekaýada edebi obraz hökmünde orta çykarylýan garry kempiriň hem-de gojanyň biri-birine bolan söýgüsi şeýle bir belent derejelere çykarylypdyr welin, ony iniňi jümşüldetmän okamagy dowam etmek asla mümkin däl. Ine, Hak söýgi – Hakyň söýgüsi nirede eken! Nähili eken! Ol enede ýaşaýar eken! Enäniň kalbynda ýanyp duran eken!

Hekaýada turuwbaşdan Nabat ejäniň keşbi çekilip başlanýar. Ol bir eli bilen ragwaty giden bilini tutup, beýleki eli bilen hem şöhlesi giden gözüni otagyň içindäki ýanyp duran çyradan goraglap, içeri giren-den eýýäm okyjylaryň göz öňünde onuň keşbi janlanýar. «Ýüzüniň joýa-joýa bolup duran ýygyrtlaryny yzarlajak bolsaň dagy azaşdyrjak. Gözleri hanasyna çöküp, öňki goýun gözleriň ýerine ýüzi dumanlap duran çalymtyk nokatlar gaýmalaşyp ýör» diýen sözler bolsa gara galam bilen şekillendirilen suraty gaýtadan dürli reňkler bilen çekýär. Ine, ol içeri girensoň hem görkezilen ýere – töre geçibermän, iç işikde oturjak bolýar. Munuň oňa aňsat düşmejegini bilip, Jeliliň ejesi oňa kömek etjek bolýar, ýöne ol entek-entekler garrylygy boýun alasy gelenok. Entek oturmaga-turmaga gurbatynyň ýetýändigini aýdýaram, oturyp görkezýärem. Ýazyjy ony şeýle suratlandyrmak bilen, adamyň kalbynda ol nähili ýaşda, nähili halda bolsa-da, söýginiň ýaşaýandygyny tekrarlamak isläpdir. Has anygyny aýtmaly bolsa, seýle suratlandyrmalar ýazyjynyň elinde söýgini açmak üçin gural bolup hyzmat edýär.

Eseriň başynda onuň niräni «tozatjak» bolýandygy entek okyjy üçin belli däl. Bolýan zat näme?! Atasy öýünden «uçup gidip», şäherde ýaşaýan Jelil obasyna – ene-atasynyň halyndan habar almaga gelipdir. Bu habar oba ýaýrap, Heşdek daýynyň agtygyny gutlamaga baran Nabat ejäniň hem gulagyna degýär. Bu habardan soň ol Jelilden habar tutman biljek däldi. Sebäbi Jelil olaryň ösdürip, ile goşup goýberen agtygynyň bileje ulalan dosty ahyry. Dostlar şäherde günde-günaşa görşüp ýören bolmaly,

biri-birinden habarly bolmaly. Nabat ejäni Jeliliň ýanyna getirýän hem şu pikir. Ol agtygyndan habar eşitmek, onuň hal-ýagdaýyny bilmek isleýär. Belki, agtygy olara salam goýberen bolmagy hem mümkin, Jelil ony garrylara aýtmagy ýadyndan çykarandyr ýa-da olaryň ýanyna baryp gaýtmaga wagty ýokdur. Şeýledir diýip, Nabat ejäniň özi Jeliliň ýanyna gelýär. Ýöne onuň bu hereketiniň sebäp däl-de bahanadygy hekaýanyň dowamynda ýüze çykýar.

Jelili çagalyk dostunyň enesiniň gürrüňleri haýran galdyrýar. Sebäbi ol Hommadyň öz garrylarynyň halyndan habar almaýandygyndan habarsyz eken. Şuňa göz ýetirensoň Hommat salam ibermedigem bolsa ýalandanam onuň salamyny gowşurar öýdýärsiň. Ýöne Jeliliň kellesi başga pikirlerden doldy: «Ýaşaýşyň manysynam, gyzygynam» agtygynda gören är-aýala agtyk balasynyň gözden gaýyp bolmagy, ýagny özlerinden habar tutmandygy gaty ýokuş degipdir. «Il hatarynda ýetişdiribem paýtagta «uly adam bolsun» diýip, okuwa, soňam işe ugradan» nesil dowamatynyň gidişiniň gidiş bolmagy Nabat ejäni iki büküp taşlapdyr. «Agtygynyň göwnüni tapjak bolup, mydama bir ýerde durman gydyrdanyp ýören öňki Nabat ejeden nam-nyşan galmandyr». Elbetde, ýyllaram öz möhürini goýýandyr welin, olary wagtyndan öň garradan Hommatdygy okyja aýan bolup ugraýar. Egbarlan, horlanan Nabat ejäniň düşen halyna nebsi agyran okyjy Hommadyň bu bolşy bilen ylalaşman başlaýar. Oňa «Bu edişiň nähak» diýip aýdasy gelýär. Ýöne Hommadyň özi hekaýada hereket etmeýär-de, beýleki gahrymanlaryň gepleşiklerinde aýdyň görünýär. Hekaýada, esasan, goja bilen ene hem-de Jeliliň obrazy hereket edýär. Olaryň hereketi hekaýada görünmeýän obrazyň töwereginde aýlanýar. Asyl ol goja bilen enäniň söýgüsine «gurban edilen» obrazdyr, ýagny goja bilen kempiriň söýgüsiniň näderejede belentdigini aýtmak, görkezmek üçin ulanylan edebi serişdedir. Hut şol obrazyň üsti bilen goja bilen enäniň biri-birine bolan Hak söýgüsiniň açylyp görkezilýändigine okyjy eseriň soňunda düşünip galýar. Ilki başda, göräýmäge, hekaýa ojagyna köwlenmeýän Hommat hakyndamyka öýdýärsiň. Ýöne awtoryň okyjylara hödürleýän sözler zynjyryny yzarlap gidiberseň, barha we barha «ýol aşyberseň» munuň beýle däldigine göz ýetirýärsiň. Hekaýada kämillik derejesine ýetirilen Nabat ejäniň keşbi türkmen edebiýatynda döredilen ondan öňki ene obrazlaryny ýatladýanam bolsa, olary gaýtalamaýar, gaýtam häsiýet babatda, ruhy

dünýäsiniň hakyky duýga baýdygy babatda olardan düýpli tapawutlanýar. Hommadyň garrylardan häli-şindi habar alyp durmaýanlygy üçin olar näderejede ruhy ejir çekýänem bolsalar, ýene Hommadyň başynyň dik bolmagyny, hiç bir zatdan ejir çekmezligini isleýärler. Gör-ä, Nabat eje alýanja pensiýasynyň ujundan her aýda biraz artdyryp, ýörite Hommat üçin adamsyna hem bildirmän, puljagaz ýygnapdyr. Ol bu pişe bilen gaty köp wagtdan bäri meşguldygy kagyz pul laryň könelip gidendigindenem belli. Indi Nabat eje ýygnan pullaryny başga maksat üçin ulanmak niýeti bilen Jeliliň ýanyna gelipdir. Ol agtygynyň atasynyň aladasy bilen gelipdir. Goja egbarlapdyr, tapdan düşüpdir, indi Hommatdan bir habar bolaýsa, Nabat ejäniň göwnüne adamsy dikeläýjek ýaly. Şonuň üçin Jelilden haýyş edýär: «Ýaňy, atasy agyrrak diýdim-ä… görgüli agtygyndan habar ýoklugyny gaty ýokuş görýä. Sen, guzym, ýokuş görmede, gitmänkäň biziň öýe-de degip geçsene, Hommat jan iberdi diýip».
Ol Jeliliň kömegi bilen adamsyna goltgy bermek isläpdir. Ondan öýlerine barmagy, Nabat ejäniň adamsy Çörli aganyň ýanyna baryp, agtygy salam ibermedigem bolsa, onuň salamyny getirendigini, Hommadyň hem gaýtjak bolup ýola düşendigini, ýöne has gyssagly işi çykyp, ýene galmaly bolandygyny aýtmaly. Nabat eje adamsynyň göwnüni göterjek sözleri Jeliliň agzyna salyp berýär: atasy agtygynyň öz ýanlaryna şu gezek çyny bilen gaýtjak bolanyny, galmaly bolanyna-da gaty gynananyny eşitse, tirsegine galaýjak ýaly. Diňe olam däl. Nabat eje başyndaky donunyň çep tarapky ýeňinden çykaryp, Jelile bir tokga pul uzatmasynyň sebäbini düşündirýär:
«Neme-le, Jelil jan, bi sen baraňda, häki bir Hommat jan özi gelip bilmänsoň boş goýbermedi diýer ýaly, şonuň adyndan atasyna gowşuraýsaň… Esasy zat, Jelil jan, atasy Hommat jandan habar gelse, biraz daýanarmyka diýýän. Pul iberenini görse dagy aýak üstüne-de galar gider, enşalla».
Diňe Jelil däl, okyjylar hem bu garrylaryň halyna gynanýarlar. Jeliliň «Hommady ezeneginden tutup, südenekledip, ýeňsesine depip-depip öýlerine, iki garrynyň öňüne getirip, dikilgazyk edesi geldi». Ol diňe Jeliliň pikiri däl, okyjylar hem Hommada «duşaýsalar»: «Telekeçiligiňi taşla! Aç otur welin, garrylaryň halyndan habar al!» diýesleri gelip dur.
Nabat ejäniň adamsyna nebsi agyrýar, ony sagaldasy gelýär. Özem onuň üçin oýlap tapan ýoluna sered-ä: hamana, Hommat olar

hakda alada edýärmiş, gelip bilmänine gynananmyş, birneme puljagazam iberen-miş. Nabat eje başa gelenini görübereris diýip, iki elini gowşuryp oturyp bilmändir. Bu onuň adamsyna bolan söýginiň oýny. Ol söýgi adamsyny düşekden galdyrjak ýollary agtarýar. Ine-de, tapan ýoly. Jeliliň ýanynda ýüregini açýar, maksadyny mälim edýär. Maksadyna ýetmek üçin Jelilden haraý isleýär. Sebäbi adamsy diline almasa-da, agtygyny göresi gelip gidipdir. Nabat eje şeýle diýýär: «Men hiç welin, ine, bi, atasyna… agyr düşýär. Maňa bildirmejek bolýar. Duýup, bilip otyryn-a men hemme zady. Daşarda bir ulag deňimizde saklansa-da, ýuwaşlyk bilen äpişgeden daşaryk seredýänini men nä aňşyrýan däldirin öýdýäňmi? Kör däl-ä men. Ýöne gep gozgap, ýüregini çişirmejek bolýan-da» diýip, ýüreginden syzdyryp, gürrüň berýär.
Nabat ejäniň Jelil bilen söhbetdeşlikde öz halynyň hem bäridigine garamazdan, adamsynyň aladasy bilen ýaşaýandygy ýüze çykýar. Awtoryň onuň hereketlerini, sypatyny suratlandyranda hem adamyň adama bolan söýgüsi beýan edilýär. Onuň ähli hereketleri adamsyna bolan söýginiň emri bilen bolýar. Agtygy indi üç ýyl sekiz aý bäri gara bermänden soň diňe öz haly bärlemän, eýsem, adamsynyň hem halynyň gaçandygy mälim bolýar. Olar agtygyndan üýtgeşik zada hem hantama däl. Olar onuň didaryna suwsapdyrlar. Bu zatlary eşiden Jeliliň gaharyny getirýär, muny duýan dessine Nabat eje başga hörpden gopýar. Özüniň garrandygyny, akyly çaşyp, ýöne samrap oturandygyny aýdyp, özündenem, Hommatdanam gaty görmezligini haýyş edýär. Indi bolsa ene ýüregi: «Häli-şindi ondan-mundan halymyzdan habar alyp dur-a ol biziň. Nesip bolsa, ine, hä diýmän özem geler» diýip, agtygynyň tarapyna geçýär-de, ony dostunyň gaharyndan goramaga çalyşýar. Bu ýerde onuň enelik duýgusynyň oýanyşyny şeýle bir täsirli, üýtgeşik edip suratlandyrmagy ýazyjy ussatlyk bilen başarypdyr.
Ýazyjy okyjyny hekaýanyň ikinji bölüminde yzyna düşürip, Çörli aganyň ýanyna alyp barýar. Indi bu ýerde ýazyjynyň öňünde Çörli aganyň aýalyna bolan söýgüsiniň «suratyny çekmek» wezipesi durýar. Ýazyjy turuwbaşdan onuň «suratyny çekýär».
Nabat eje garrapdyr diýsek, ol ýene Çörli aganyň ýanynda köp gowy eken. Çörli aga özüni düşege baglapdyr. «Wagtynda uzyndan daýaw, känbir gürlemeýän, ap-ak sakgaly döşüni ýapyp duran bu adamyň» indi eliniň barmaklary uzalan ýaly, damarlary syh-syh bolup çykyşyp dur. Indi oňa ýatan ýerinden dikelmek,

dikelenden soň ýerinden galmak görgi baryny görkezýär.
Hekaýanyň şu ýerinde Çörli aga okyjynyň göz öňünde edil ýanynda duran ýaly janlanýar. Ol bolsa ýazyjynyň döredýän obrazynyň «suratyny çekmekde» ussatlygyndan habar berýär. Şu ýerde bir täsinjek «surat» hem göze kaklyşýar: «Çörli aganyň öňüne ýazylan, eplenip, eplenip, epiniň arasy ýarylyp giden kiçiräk köneje saçagy aýryp, ýerine täzejesini ýazdy». Ýazyjy ony ýöne ýere ýatlanok. Şol köneje saçagynyň kömegi bilen goja hem onuň aýalynyň şol pukaraja ýaşaýyş bilen halys öwrenişip gidendigi aýdyňlaşýar. Ýogsam, ulanaýyn diýse, olarda täzeje saçak hem bar eken, ýöne ony olar Hommat gelende ulanmak niýeti bilen ýygnap goýan bolmaly. Şojagaz jikme-jiklik hem garrylaryň perzent didaryna nähili suwsandygyny ýene bir ýola görkezýär.
Hommadyň dosty Jelil salama gelende Nabat ejäniň gözüniň öňünde adamsy tirsegine galýar. Aslynda, Nabat ejäniň maksady-da şol. Onuň garaşany bolýar, Çörli aga tirsegine galýar. Nabat ejäniň haýyşy bilen Jelil Hommadyň ibermedik salamyny gowşurýar, ibermedik puluny onuň öňünde goýýar. Ýöne Çörli aganyň aladasynyň başga ekenligi tizden aýan bolýar: ol agtygyny aýaly Nabat ejäniň has beter küýseýändigini, şondanam onuň egbarlap barýandygyny, Hommatdan bir habarjyk bolsa, ony galkyndyrjakdygyny aýdýar. Onuň sözlerinden bar aladasynyň aýalydygy ýüze çykýar. Nabat ejäniň Jelillere baryp, adamsy hakyndaky aladasyny näderejede duýduran bolsa, edil şol derejede indi Çörli aga aýaly hakyndaky aladasyny mälim edýär. Çörli aga öz ýagdaýyna gynanmaýan-da bolsa, ýöne birden aýaly ýalňyz galaýsa oňa kimiň hossar çykjakdygynyň aladasyny edýär.
Hekaýada ýazyjylyk ussatlygy bilen döredilen bu iki garrynyň obrazy Hakdan gelen söýginiň mizemezdigini baýdak kimin parladýar. Durmuşyň iň agyr synaglarynda hem olaryň biri-birine bolan söýgüsi dabaralanýar. Hak söýgini çeper görkezmegi başaran şeýle hekaýalaryň höwrüniň köp bolmagyny isleýäris.
Akmuhammet HEMIDOW. Edebi tankyt